# Peýda ýokdur, eý, köňül, yşky-peri ruýdan saňa…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Peýda ýokdur, eý, köňül, yşky-peri ruýdan saňa…



Peýda ýokdur, eý, köňül, yşky-peri ruýdan saňa,
Derdi-gamdan özge nesne ýokdur ol küýden saňa.
Ger bu wahdet içre sap eýläp wujudyň şährini,
Gör, ne gökjek ýüz görüner uşbu gözgüden saňa.

Çyk garaňky dünýäden, röwşenlik iste, eý, köňül,
Gör, ne röwşenlik geler her lahza garşydan saňa.

Jebri-mähnetler çekip, gam iýme dünýälik üçin,
Akybet ýok durar wepa bihuda gaýgydan saňa.

Gaýyby, nebsi-howadan geç, Hudadan kyl hezer,

Erişer lutpy onuň her dem bu gorkudan saňa. Goşgular